Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň başlygynyň 2020-nji ýylyň 15-nji iýunynda çykaran 68-nji buýrugy bilen tassyklanyldy

# Gümrük töleg resminamasyny doldurmagyň Tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Gümrük töleg resminamasyny doldurmagyň tertibi (mundan beýläk - Tertip) «Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň «ASYCUDA World» atly utgaşdyrylan gümrük maglumat ulgamyny ornaşdyrmak boýunça tehniki hyzmatdaşlyk baradaky taslamalaýyn Ylalaşygy baglaşmagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda çykaran 14961-nji kararyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we gümrük töleg resminamasyny (mundan beýläk - GTR) we gümrük töleg resminamasyna goşmaça sahypalary (mundan beýläk – goşmaça sahypa) doldurmagyň kadalaryny düzgünleşdirýär.

2. Şu Tertip GTR we goşmaça sahypalary ulanmak arkaly gümrük tölegleri we salgytlary (mundan beýläk - tölegler) tölemegiň tertibini kesgitleýär.

3. GTR we goşmaça sahypasy (şu Tertibe goşundy) gümrük edarasynyň wezipeli işgäri tarapyndan döwlet dilinde doldurylýar.

4. GTR tölegleri hasaplamak we/ýa-da tölemek, şeýle hem tölegleriň hasabatynyň ýöredilmegini awtomatlaşdyrmak üçin ulanylýar.

5. GTR-yň her bir blanky görnüşi üç görnüşden köp bolmaýan harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly bolan tölegleri hasaplamak ýa-da harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly bolmadyk tölegleri hasaplamak üçin ulanylýar.

6. Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän, 3 (üç) görnüşden artyk bolan harytlar boýunça tölegleri hasaplamak zerur bolan halatynda, her birinde ýene 7 (ýedi) görnüşli harytlary beýan edip bolýan goşmaça sahypa ulanylýar. Şunda goşmaça sahypanyň umumy ulanylýan sany harytlaryň görnüşiniň sany bilen çäklendirilýär.

7. Ulgamda goşmaça sahypany doldurmagyň kadalary GTR degişli bolan öýjüklerini doldurmagyň kadalary bilen birmeňzeşdir.

8. Ulgamda resmileşdirilen GTR bellige alynmagy üçin gümrük edaralary tarapyndan ýörite bellige alyş kitaby senenama ýyllary boýunça ýöredilýär. Bellige alyş kitaby öňünden belgilenen, tikilen, gümrükhananyň möhüri we gümrükhananyň başlygynyň hem-de gümrükhananyň baş buhgalteriniň gollary bilen tassyklanan bolmalydyr.

9. GTR birinji nusgasy (gümrükhana üçin) gümrük resmileşdirmesinde peýdalanylýan beýleki resminamalar bilen bilelikde harytlary gümrük taýdan resmileşdiren gümrük edarasynda saklanýar. Gümrük edarasynyň wezipeli işgäriniň belgili şahsy möhüri bilen tassyklanylan GTR ikinji nusgasy (alyjy/töleýji üçin) we üçünji nusgasy (bank üçin) alyja berilýär.

10. Ulgamda resmileşdirilip çap edilen GTR bellenilen tertipde gümrük edaralarynda saklanýar.

11. GTR ulgamda gümrük edarasynyň wezipeli işgäri tarapyndan doldurylýar we çap edilýär.

12. GTR her bir nusgasy ony resmileşdiren gümrük edarasynyň wezipeli işgäriniň belgili şahsy möhüri we goly bilen tassyklanylýar.

13. GTR şu Tertipde getirilen doldurmagyň kadalaryna laýyklykda doldurylýar we çap ediji enjamyň ulanylmagy bilen düşnükli çap edilýär, onda bozulyp aýrylan we çyrşalan ýazgylar bolmaly däldir.

GTR doldurylanda onuň elektron nusgasy döredilýär, ondaky maglumatlar GTR maglumatlara laýyk gelmelidir we ol gümrük edarasyna GTR bilen bilelikde berilýär.

14. Gümrük resmileşdirmesi bilen bagly amallary ýönekeýleşdirmek we tizleşdirmek üçin GTR-yň elektron nusgalarynyň alyjy (töleýji) we (ýa-da) gümrük dellaly tarapyndan deslapdan ulgamda doldurylmagyna ýol berilýär. Bu halatda gümrük edarasynyň wezipeli işgäri zerur resminamalary, alyjy (töleýji) we (ýa-da) gümrük dellaly tarapyndan GTR-yň öýjükleriniň dogry doldurylandygyny we onda görkezilen maglumatlaryň ygtybarlydygyny barlaýar, şeýle hem GTR-yň elektron nusgasyna beýleki ýetmeýän maglumatlary girizýär, GTR-ny çap edýär, olary belgili şahsy möhüri we goly bilen tassyklaýar.

15. Eger öýjüklerde maglumatlary mälim etmek üçin ýa-da gümrük edarasynyň wezipeli adamy tarapyndan gulluk belliklerini goýmak üçin ýeterlik ýer bolmasa, onda zerur bolan maglumatlar, GTR-nyň aýrylmaz bölegi bolup durýan, A4 görnüşdäki goşmaça sahypalarda görkezilmäge degişlidir. GTR-a goşmaçanyň hemme sahypalary belgilenilmelidir. Şunda, GTR-yň degişli öýjüginde (öýjügiň setirinde) «___sahypaly___-nji (njy) goş. seret» diýen ýazgy edilmelidir.

GTR doldurylanda şu aşakdaky talaplar ýerine ýetirilmelidir:

1) her GTR-a goşmaçanyň sany GTR-yň nusgalarynyň sanyna gabat gelmelidir;

2) GTR-a goşmaçanyň her sahypasynda aşakdakylary görkezmek zerurdyr:

a) ýokarky sag böleginde «___________belgili GTR-a __-nji (njy) goşmaça»;

b) «öýjük» ýazgy görnüşinde GTR-a ýerleşmedik maglumatlaryň ýazylan öýjüginiň belgisi we doldurmagyň kadalaryna laýyklykda bu öýjüge girizilýän maglumatlar;

3) eger goşmaça sahypany deklarant ýa-da gümrük dellaly düzen bolsa, goşmaça sahypanyň her nusgasy aşaky sag böleginde GTR-y dolduran wezipeli işgär tarapyndan ýa-da bu şahsyň şoňa ygtyýary bolan işgäri tarapyndan gol çekilip, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda GTR-ny düzen şahsyň möhüri bolmaly bolsa, möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr;

4) GTR-a goşmaçany gümrük edarasynyň wezipeli adamy düzen bolsa, GTR-a goşmaçanyň her nusgasy aşaky sag böleginde wezipeli adam tarapyndan gol çekilip belgili şahsy möhürini goýmak arkaly tassyklanylmalydyr;

5) GTR-yň elektron nusgasyna GTR-a goşmaçalarda bar bolan hemme maglumatlar girizilmelidir.

16. GTR-ny dolduran gümrük edarasynyň wezipeli işgäri onuň dogry doldurylmagy üçin kanunçylykda bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär.

## II bap. Ulgamda GTR-ny doldurmagyň kadalary

17. Şu kadalar aşakdaky ýagdaýlarda GTR doldurylanda ulanylýar:

1) 1-nji öýjük «Resminamanyň görnüşi»:

a) öýjügiň birinji kiçi böleginde aşakdakylar görkezilýär:

«IM» - Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar üçin;

«EK» - Türkmenistanyň gümrük çäginden alnyp gidilýän harytlar üçin;

«TR» - Türkmenistanyň gümrük çäginden üstaşyr geçirilýän harytlar üçin;

«TL» - harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly bolmadyk tölegler üçin (harytlaryň saklanandygy üçin we ygtyýarlylandyrmak üçin ýygymlar, jerimeler we ş.m.);

b) öýjügiň ikinji kiçi böleginde harytlary gümrük serhedinden geçirmegiň amallarynyň klassifikatoryna laýyklykda gümrük düzgüniniň iki belgili kody görkezilýär;

ç) öýjügiň üçünji kiçi böleginde, degişlilikde şu aşakdakylar görkezilýär:

«ÝG» - eger harytlar ýany bilen alnyp gidilýän goşlarda geçirilýän bolsa;

«AG» - eger harytlar ýany bilen alnyp gidilmeýän goşlarda geçirilýän bolsa;

«HP» - eger harytlar halkara poçta göndermelerinde geçirilýän bolsa;

d) GTR harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly bolmadyk tölegler üçin ulanylan halatynda şu öýjügiň ikinji we üçünji kiçi bölekleri doldurylmaýar.

2) 2-nji öýjük «Goşmaça sahypalar»:

a) öýjük şu GTR bilen goşmaça sahypa ulanylan halatynda doldurylýar;

b) öýjügiň birinji kiçi böleginde sahypanyň tertip sany görkezilýär, ikinji kiçi böleginde GTR-y we goşmaça sahypany goşmak bilen ulanylan sahypalaryň umumy sany görkezilýär, öýjügiň üçünji kiçi böleginde gümrük bahasyna goşulýan umumy harajatlaryň degişli walýutadaky möçberi görkezilýär;

3) 3-nji öýjük «Resminamanyň belgisi»:

GTR-yň belgisi aşakdaky ýaly görkezilýär:

99999 / 999999 /99.99.9999
a) b) ç)

bu ýerde:

a) Türkmenistanyň gümrük edaralarynyň klassifikatoryna laýyklykda gümrük resmileşdirmesini amala aşyrýan gümrük edarasynyň sanly kody;

b) GTR-yň gümrük edarasynda bellige alnan tertip belgisi;

ç) GTR-yň resmileşdirilen güni, aýy we ýylynyň belgisi;

4) 4-nji öýjük «Alyjy»:

a) alyjy - tölegleriň tölenmegi üçin jogapkär tarap barada maglumat görkezilýär;

b) eger alyjy fiziki şahs bolup durýan bolsa, onda öýjükde onuň familiýasy, ady, atasynyň ady, ýaşaýan ýeriniň salgysy, doglan senesi we raýatlygy, şahsyýetini tassyklaýan resminama barada maglumat görkezilýär;

ç) eger alyjy ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahs hususy telekeçi ýa-da ýuridik şahs bolup durýan bolsa, onda öýjügiň ýokarky sag böleginde «№» belgiden soň onuň hususy salgyt belgisiniň görkezilmegi bilen öýjükde ýuridik şahsyň ady we hukuk salgysy görkezilýär;

5) 5-nji öýjük «Harytlaryň jemi görnüşi»:

Bu öýjük Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçirilýän harytlar babatda doldurylýar. Öýjügiň birinji böleginde şol harytlaryň görnüşiniň jemi sany görkezilýär, öýjügiň ikinji sag böleginde harytlaryň umumy faktur bahasy ulgam tarapyndan awtomatik usulda doldurylýar.

6) 6-njy öýjük «Orunlaryň sany»:

a) öýjükde resmileşdirilýän harytlaryň orunlarynyň umumy sany görkezilýär;

b) gümrük serhedinden gaplanman ýüklenilýän ýa-da guýulýan ýükler, şeýle hem üýşürilip geçirilýän ýükler babatynda bu öýjükde «0» (nol) görkezilýär;

7) 7-nji öýjük «Ugradylýan ýurdy/barýan ýurdy»:

Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda öýjügiň çep kiçi böleginde harytlaryň iberilen ýurdunyň iki harp belgili kody, sag kiçi böleginde bolsa harytlaryň barmaly ýurdunyň iki harp belgili kody görkezilýär;

8) 8-nji öýjük «Goşmaça maglumat / berilýän resminamalar»:

a) öýjükde gümrük edarasyna berilýän resminamalar barada maglumat, GTR-da görkezilen maglumatlary tassyklaýan we tölegyň hasaplanmagy üçin esas bolan beýleki maglumatlar, şeýle hem ozalky gümrük resminamalary (ýolagçy gümrük deklarasiýasy, harytlaryň halkara gatnawynda ýa-da içerki gümrük üstaşyry amallary boýunça daşalmagyna, harytlaryň gümrük gözegçiligi astynda saklanmagyna esas bolan resminamalar we ş.m.) baradaky maglumatlar görkezilýär;

b) resminamanyň ady, belgisi we onuň berlen (resmileşdirilen) senesi görkezilip, resminamalar baradaky maglumatlar şu öýjükde täze setir bilen yzygider görkezilýär;

9) 9-njy öýjük «Harytlaryň umumy agramy (kg)»:

Öýjükde şu GTR we goşmaça sahypa boýunça resmileşdirilýän harytlaryň umumy agramy kilogramda görkezilýär;

10) 10-njy öýjük «Umumy gümrük bahasy»:

Öýjükde GTR-yň we goşmaça sahypasynyň 12-nji öýjüklerinde görkezilen gümrük bahalarynyň jeminden emele gelýän, umumy gümrük bahasy görkezilýär;

11) 11-nji öýjük «ABŞ-nyň dollarynyň hümmeti»:

Şu öýjügiň çep kiçi böleginde, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ABŞ-nyň dollarynyň milli walýuta GTR-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmeti görkezilýär, sag kiçi böleginde bolsa, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ABŞ-nyň dollarynyň milli walýuta GTR-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmetine görä geleşik boýunça bahasy milli manatda görkezilýär;

12) 12-nji öýjük «Harytlaryň beýany/gümrük tölegleriniň hasaplanyşy»:

a) ulgamda tölegleri tölemekden doly boşadylmagy arkaly geçirilýän harytlar baradaky maglumaty goşmak bilen, öýjükde harytlaryň atlary we olar barada beýleki maglumatlaryň görkezilmegi zerurdyr;

b) tölegler ulag serişdeleri babatda hasaplanan halatynda, ulag serişdesi barada şu maglumatlar görkezilýär kysymy we modeli (modifikasiýasy), goýberilen ýyly, motorynyň belgisi we iş göwrümi, şassisiniň we nowasynyň belgileri (barabarlyk belgisi - VIN);

ç) eger Daşary ykdysady işiň haryt nomenklaturasyna (mundan beýläk - DYI HN) laýyklykda deklarirlenilýän harytlar babatda goşmaça ölçeg birlikleri ulanylýan bolsa, öýjükde degişli maglumatlary görkezilen, harydyň DYI HN-nda ulanylýan ölçeg birliklerine laýyklykda, goşmaça ölçeg birliginiň koduny görkezmek zerurdyr. Soňra, goşmaça ölçeg birligindäki mukdaryny görkezmek zerurdyr;

d) öýjügiň aşaky çep bölegindäki «Goşmaça ölçeg birligi 1», «Goşmaça ölçeg birligi 2», «Goşmaça ölçeg birligi 3» böleginde, gümrük tölegleriniň dogry hasaplanylmagy üçin zerur bolan halatynda harytlaryň aýratynlyklary (tölegleri hasaplamak we töletmek we/ýa-da gadaganlyklary we çäklendirmeleri berjaý etmegi üpjün etmek üçin ýa-bolmasa harytlaryň has takyk aňladylmagy üçin) görkezilýär (deklarirlenýän harydyň mukdary, ulag serişdeleri babatda hereketlendirijiniň iş göwrümi we ş.m.);

e) öýjügiň sag böleginde: harydyň kody, gelip çykan ýurdy, möçberi, ölçeg birligi, bir birliginiň bahasy we harydyň agramy görkezilýär;

ä) «Haryt №» atly kiçi bölekde şu öýjükde görkezilýän harydyň tertip belgisi görkezilýär;

f) öýjügiň birinji kiçi böleginde DYI HN-na laýyklykda harydyň dokuz belgili toparlara bölüniş kodunyň ilkinji sekizsini goýmak zerurdyr;

g) öýjügiň ikinji kiçi böleginde üç sany san nyşanyny aralarynda boş ýersiz goýmak zerurdyr:

san nyşanynyň birinjisi DYI HN-na laýyklykda harydyň dokuz belgili toparlara bölüniş kodunyň dokuzynjysyna degişli;

san nyşanynyň ikinjisi we üçünjisi, haçanda harydyň dokuz belgili toparlara bölüniş koduna birnäçe möçber bellenen halatynda, gümrük pajyny awtomatlaşdyrylan usul bilen hasaplamak zerur bolanda, harydyň goşmaça kody hökmünde ulanylýar. Eger-de, harydyň dokuz belgili toparlara bölüniş koduna bir möçber ýa-da nol möçber bellenen bolsa, san nyşanynyň ikinjisi we üçünjisi 2 sany nol (00) goýulýar;

h) «Harydyň gelip çykan ýurdy» atly kiçi bölekde harydyň gelip çykan ýurdunyň Dünýä ýurtlarynyň we walýutalarynyň döwlet klassifikatoryna laýyklykda iki harp belgili kody görkezilýär. Gelip çykan ýurdy näbelli bolsa koduň ýerine «00» - belgi görkezilýär;

i) «Möçberi» atly sütünde harydyň möçberi görkezilýär;

j) «Kody» atly kiçi bölekde harydyň DYI HN-nda ulanylýan ölçeg birliklerine laýyklykda, harydyň goşmaça ölçeg birliginiň koduny görkezmek zerurdyr;

ž) «Bir birliginiň bahasy» atly kiçi öýjükde harydyň bir birligi üçin bellenen bahasy görkezilýär;

k) «Agramy» atly kiçi öýjükde harydyň netto agramy kilogramda görkezilýär;

l) «Gümrük bahasy» atly aşakda görkezilen kiçi bölekde, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ABŞ-nyň dollarynyň milli walýuta GTR-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmetine görä, GTR-yň şu öýjüginde resmileşdirilýän harydyň umumy gümrük bahasy, tegelemegiň kadalaryna laýyklykda, oturdan soň iki san belgili takyklykda tegelenip görkezilýär.

m) «Giňeldilen amal» atly kiçi öýjügiň çep kiçi böleginde maglumatlar düzüm kody görnüşinde aşakdaky ýaly görkezilýär:

XX XX XX

birinji iki belgi gümrük düzgünleriniň klassifikatory boýunça mälim edilýän gümrük düzgüniniň kody, ikinji iki belgi gümrük düzgünleriniň klassifikatory boýunça ilkibaşdaky gümrük düzgüniniň kody, eger deklarirlenilýän harytlar ilkibaşda başga gümrük düzgünine ýerleşdirilen bolsa, galan ýagdaýlarda iki sany nol «00» goýulýar. Soňky üç belgide harytlaryň geçirilmeginiň aýratynlyklarynyň klassifikatoryna laýyklykda deklarirlenilýän harytlaryň geçirilmeginiň aýratynlygynyň kody

görkezilýär;

n) soňra şu öýjükde tölegiň hasaplanyşy barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

«Görnüşi» atly sütünde gümrük tölegleriniň klassifikatoryna laýyklykda töleg görnüşiniň kody görkezilýär;

«Hasaplamagyň esasy» atly sütünde tölegi hasaplamak üçin töleg salynýan binýat görkezilýär;

«Möçberi» atly sütünde tölegiň bellenen möçberi görkezilýär;

«Jemi» atly sütünde, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan ABŞ-nyň dollarynyň milli walýuta GTR-nyň kabul edilen senesindäki bellenilen hümmetine görä hasaplanan tölegiň milli manatdaky jemi möçberi görkezilýär;

13) 13-nji öýjük «Alynýan gümrük tölegleriniň ady»:

a) öýjügiň çep böleginde her bir tölegiň görnüşi boýunça her setirde aýratynlykda gümrük tölegleriniň klassifikatoryna laýyklykda tölegiň gysga ady;

b) öýjügiň birinji sag kiçi böleginde tölegiň görnüşiniň kody;

ç) öýjügiň ikinji sag kiçi böleginde GTR-daky we her bir goşmaça sahypasyndaky tölegler goşulyp emele getirilýän tölegiň umumy jemi görkezilýär;

14) 14-nji öýjük «Tölegiň jikme-jik beýany»:

öýjükde her bir tölegiň görnüşi boýunça aýratynlykda olaryň tölenendigi barada aşakdaky görnüşde maglumatlar görkezilýär:

99- Hasap- Töleg resminamasynyň belgisi - Senesi - Tölegleri tölemegiň usullary
1 2 3 4 5

bu ýerde:

1 - gümrük tölegleriniň klassifikatoryna laýyklykda tölegiň görnüşiniň kody;

2 - gümrük edarasynyň hasaplaşyk hasabynyň belgisi;

3 - töleg resminamasynyň belgisi

4 - töleg resminamasynyň senesi

5 - tölegleri tölemegiň usullarynyň kody

15) 15-nji öýjük «Jemi tölenmäge degişli»:

a) Öýjükde tölenmäge degişli bolan, hasaplanan ähli tölegiň umumy möçberi ýazmaça milli pulda we puluň ady görkezilýär;

b) şu möçber öýjügiň ýokarky sag böleginde san bilen hem görkezilýär;

16) 16-njy öýjük «Bank maglumatlary»:

öýjükde yzygider kese çyzykdan soň gümrük edarasynyň degişli hasaplarynyň açylan bankynyň ady, bankyň anyklaýyş belgisi we aragatnaşyk hasaby, şeýle hem alyjynyň (töleýjiniň) hususy salgyt belgisi görkezilýär;

17) 17-njy öýjük «Gümrük edarasynyň işgäriniň möhüri we goly»:

Öýjükde GTR-ny resmileşdiren gümrük edarasynyň wezipeli işgäri gol çekýär we ony belgili şahsy möhüri bilen tassyklaýar;

18) 18-nji öýjük «Alyjynyň (töleýjiniň) goly» :

a) GTR-iň 4-nji öýjüginde görkezilen şahsyň goly ýa-da onuň wekili bolup durýan ýa-da hakykatda tölemegi amala aşyrýan tarapyň goly goýulýar;

b) GTR töleýjä berilmeýän halatda (elden alnan emlägiň ýerlenilmeginden alynýan serişdeler, jerimeler we ş.m. babatda GTR doldurylanda) şu öýjügiň doldurylmazlygyna ýol berilýär.

## III bap. Jemleýji düzgünler

18. GTR harytlaryň gümrük serhedinden geçirilmegi bilen bagly bolmadyk tölegler üçin doldurylanda 2, 5, 6, 7, 9, 10, we 12-nji öýjükler doldurylmaýar. GTR-yň we goşmaça sahypasynyň doldurylmadyk öýjükleri göni çyzyk bilen gapdallaýyn çyzylýar.

19. GTR töleg tölenenden soň resmileşdirilýän bolsa, GTR-iň bank üçin üçünji nusgasy çap edilmeýär.

Tölegler tölenmezinden öň hasaplananda GTR-daky we her bir goşmaça sahypasyndaky tölegleriň jeminden ybarat bolan, tölegleriň görnüşi boýunça tölenmäge degişli möçberiň umumy jemi görkezilen GTR-yň diňe bank üçin üçünji nusgasy, goşmaça sahypasyz çap edilýär. Gümrük edarasynyň wezipeli işgäriniň goly we belgili şahsy möhüri bilen tassyklanan GTR-iň bu nusgasy töleýjä berilýär. Şol GTR boýunça tölegiň tölenmegi we tölegiň tölenendigi baradaky resminamalaryň gümrük edarasyna berilmegi GTR-yň resmileşdirilen güni (3-nji öýjükde görkezilen) amala aşyrylmalydyr. Bu möhlet gijikdirilende GTR hakyky däldir.

20. Tölegiň tölenmeginden, şeýle hem GTR gutarnykly doldurylandan (GTR bellige alnyp, töleg resminamalary baradaky we beýleki maglumatlar girizilenden) we resmileşdirilenden soň GTR-yň birinji nusgasy gümrük edarasynda galýar, gümrük edarasynyň wezipeli işgäriniň belgili şahsy möhüri we goly bilen tassyklanan ikinji nusgasy töleýjä berilýär.

21. GTR-yň birinji nusgasy, göz öňünde tutulan halatlarda ikinji nusgasy hem resmileşdirilen gününden gijä galman, beýleki resminamalar bilen bilelikde, gümrük edarasynyň GTR-laryň saklanmagy üçin jogapkär wezipeli işgärine hasaba almak, gözegçilik etmek we resminamalary saklamagyň hereket edýän kadalaryna laýyklykda saklamak üçin berilýär.

22. Elden alnan emläkleri ýerlemekden alynýan serişdeler, jerimeler we harytlaryň bahasyny töletdirip almak babatda GTR, gümrük edarasynyň hasabyna pul serişdeleriniň gowuşmagy boýunça degişli gümrük edarasynyň işgäri tarapyndan doldurylýar. Şunda diňe görkezilen tölegleri tölemekden gowşan serişdeler GTR-da hasaba alynýar. Doldurylan GTR töleýjä berilmedik halatda GTR-yň ikinji nusgasy gümrük edarasynda saklanýar.

23. Elden alnan emläkleri ýerlemekden alynýan serişdeler babatda GTR doldurylanda, GTR-yň we goşmaça sahypasynyň degişli öýjüklerinde harytlaryň ady, DYIHS boýunça kody, mukdary, agramy, şeýle hem ýerlenýän harytlaryň bahasy görkezilýär.

24. Pul serişdeleri hakykatda tölenip, GTR gutarnykly resmileşdirilenden soň GTR-a we onuň maglumatlar binýadyndaky elektron nusgasyna üýtgetmeleri girizmäge ýol berilmeýär. GTR-yň nädogry resmileşdirilendigi ýüze çykarylsa, öň resmileşdirilen GTR-nyň güýji ýatyrylyp, täze GTR resmileşdirilýär. Täze GTR-da güýji ýatyrylan GTR-yň ýerine şu GTR-yň resmileşdirilýändigi barada, öňki GTR-yň belgisi görkezilip, degişli bellik edilýär.

25. GTR-a islendik salgylanma GTR-yň 3-nji öýjüginde görkezilen belgisi boýunça amala aşyrylýar.

Gümrük töleg resminamasyny doldurmagyň tertibine goşundy

**Gümrük Töleg Resminamasy (GTR)**

**1-Gümrükhana üçin nusga**

3 Resminamanyň belgisi

1 Resminamanyň görnüşi

2 Goşmaça sahypalar

Umumy harajatlar

4 Alyjy

5 Harytlaryň jemi görnüşi

Faktur bahasy

6 Orunlaryň sany

7 Ugradylýan ýurdy / Barýan ýurdy

8 Goşmaça maglumat / Berilýän resminamalar

9 Harytlaryň umumy agramy (kg)

10 Umumy gümrük bahasy

11 ABŞ-nyň doll. hümmeti / Milli manatda bahasy

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

13 Alynýan gümrük tölegleriniň ady

| Görnüşi | Jemi |
|---|---|

14 Tölegiň jikme-jik beýany

Kody /Hasap №/ Töleg resminamasynyň № / Senesi / TU

15 Jemi tölenmäge degişli

16 Bank maglumatlary

17 Gümrük edarasynyň işgäriniň möhüri we goly

18 Alyjynyň(töleýjiniň)goly

Gümrük töleg resminamasyny
doldurmagyň tertibine goşundy

**Gümrük Töleg Resminamasy (GTR)**

**3-Bank üçin nusga**

3 Resminamanyň belgisi

1 Resminamanyň görnüşi

2 Goşmaça sahypalar

Umumy harajatlar

4 Alyjy

5 Harytlaryň jemi görnüşi

Faktur bahasy

6 Orunlaryň sany

7 Ugradylýan ýurdy / Barýan ýurdy

8 Goşmaça maglumat / Berilýän resminamalar

9 Harytlaryň umumy agramy (kg)

10 Umumy gümrük bahasy

11 ABŞ-nyň doll. hümmeti / Milli manatda bahasy

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|
| | | | |

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|
| | | | |

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy

| Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | |

| Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | Jemi |
|---|---|---|---|
| | | | |

Goşmaça birlik
Goşmaça birlik
Goşmaça birlik

Gümrük bahasy

Giňeldilen amal

13 Alynýan gümrük tölegleriniň ady

| Görnüşi | Jemi |
|---|---|
| | |

14 Tölegiň jikme-jik beýany

Kody /Hasap №/ Töleg resminamasynyň № / Senesi / TU

15 Jemi tölenmäge degişli

16 Bank maglumatlary

17 Gümrük edarasynyň işgäriniň möhüri we goly

18 Alyjynyň(töleýjiniň)goly

Gümrük töleg resminamasyny doldurmagyň tertibine goşundy

## Gümrük töleg resminamasynyň goşmaça sahypasy

| | 3 Resminamanyň belgisi | 1 Resminamanyň görnüşi | 2 Goşmaça sahypalar | Umumy harajatlar |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |

| 12 Harytlaryň beýany / Gümrük tölegleriniň hasaplanylyşy | Haryt № | Harydyň kody | Harydyň gelip çykan ýurdy | Möçberi | Kody | Bir birliginiň bahasy | Agramy (kg) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Görnüşi | Hasaplamagyň esasy | Möçberi | | Jemi | |
| Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik<br>Goşmaça birlik | Gümrük bahasy<br>Giňeldilen amal | | | | | | |